# Zaman

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Zaman ZAMAN

Suratyňa öli ýaly tamaly
Ynha çykar ynha çykar ser edýän
Sen çykansyň ýa çykmansyň bilemok
Gujagymda seni sermäp döredýän.

* * *

Aý barýar asmany ortadan agyp
Bulut kowalaşýar şemala ygyp
Birden tümlük
Aýyň ýogy bilinýär
Alabaýyň ýürek-bagry dilinýär
Bir ýerden gizlije
Yzyny üzmän
Bir çyrlak çyrlaýar taryna kakyp
Nädip daň atmaly
Bir goşgy ýazman
Şahyr çyzyp otyr içiny ýakyp
Ýene çyrlak
Jar çekdirýär toýuna
Aýam ýetip barýar
Gaýyn öýüne.
Bulutlar çaknyşyp
Eräp barýarlar
Ýagyş bilen wadalaşan şemallar
Agaçlara
Öl tenini serýärler
Entägem şahyryň gözi gypanok
Sebäbi aý ýaly goşgy tapanok.
Nädip arşa çykar
Aý ýüzün çyzman

Nädip daň atmaly
Bir goşgy ýazman
Ýüregi ylhama diň salyp otyr
Onda-da önenok ýekeje setir
Käbir söze
Söýgi bilen söz gatýar
Käbir söze
Bije, gumalak atýar.
Ahyr şahyr gidýär erni eňterlip
Zaman söze bakyp durka çiňerlip
Gulagy güwledip
Daň topun atýar
Çyrlak sesin gapýar
Alabaý ýatýar. Goşgular